# Ýusubyñ medresesi

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýusubyñ medresesi ÝUSUBYÑ MEDRESESI



Näme üçin Ýusup pygamber tussaglykda boldy, näme üçin Azym işan, Said Nursy (beýik türk filosofy) we başgada bir giden Hudaýyň gullugynda bolan adamlaryň maňlaýyna tussaglyk ýazyldy? Temanyň ady meniň sözlerim däl-de Said Nursynyň sözleri. Şol adam türmelere "Ýusubyň Medresesi" diýip at dakypdy. Türme ilki bilen näme, bu durmuş akymyndan gabalmak, çete süýşmek, köşeşmek. Tussaglyk diýen zady mukaddes adamlar babatynda seretseň şeýleräk netijelere gelseň bolýar. Ýusup pygamberiň iň esasy aýratynlygy oň çenden aşa görmegöýligi. Ol oglana aýal gyzlar şol bada aşyk bolýardylar we oň yz ýanyndan uly muşakgatlar başlanýardy. Ilki başda Ýusup pygambere onuň hojaýynynyň aýaly aşyk bolýar we Ýusupa ýapyşýar, Ýusup ol aýaldan ýüz döndürýär we ol aýal oňa töhmet atýar. Ýusubyň sypaty üçin ol nirä barsa-da, oňa aýal halky gün bermejegi görnüp dur, onsoň şeýle ýagdaýda iň gowy çykylga näme, Ýusup pygamberi aýallaryň ýok ýerinde gizlemek.
Adamlary gizleme barada şu ýerde ýene bir zady agzap geçmek zerur. Hudaý aram aram käbir adamlary öz işleri üçin ulanýar, öz mukaddes işleri üçin, dini güýçlendirmek we ýaýratmak. Onsoň şeýle adamlaryň ünsüni hiç zat bölmez ýaly Hudaý şeýle adamlary gizleýär, gabaýar, çete çykarýar, garaz rus sözi bilen aýdanda "izolýasyýa" edýär. Elbetde hakyky durmuşdan mysallar bolmasa ynanma kyn, häzir mysallaram getireýin:

Magtymguly Pyragy Hudaýyň hyzmatynda bolan adam we durmuşuň köp bölegini syýahatda we söwdasa geçiren adam. Köne döwürüň ýol hereketlerini hasaba alsan, köp wagtyny ýolda geçiren adam. Diýmek, Magtymgulynyň ünsüni sowup biljek adamlar öň daş-töwereginde ýok, arkaýyn şygyr goşar ýaly. Ýene bir mysal Ak işanyň ýatan ýeri, ýaşaýyşdan çetde, Gözli ata hem örän çetde ýaşapdyr. Olardan başga taryha ser salsaň, mukaddes adamlaryň ählisi durmuş akymyndan çetde bolan. Zaratuştra diýilýän ýewropa "pygamberi" hem 10 ýyllap ýekelikde gezen. Beýik ýaradyjy öz ulanjak adamlaryny elmydama başga adamlardan çetleýär. Özem käbir halatlarda adamy çetlemek üçin tussaglyk zerur bolup durýar. Ömrüne Hudaýyň gullugynda bolan Beýik türk filosofy Said Nursy hem ömrüniň esasy bölegini diňe türmelerde geçiren, adaty adam üçin göräýmäge elhençlik, hamala Hudaý öz hyzmatyndaky adamlar üçin şeýdip töleýän ýaly? Ýöne pikirlenip görseň, Hudaý öz goraýan adamsyny ähli ýerde goraýar, goý türme bolsyn ýa-da beýik jahan urşy bolsun. Tussaglyk bolsa, durmuş aladalaryndan we durmuş akymyndan çykmagyň iň gowy usuly. Ertir näme iýerin we näme geýerin diýen alada gaýgy ýok, hiç kim ýüregiňe düşenok, hiç kim bilen gatnaşma zerurlugy ýok, iň bärkisi öz ýakyn maşgala agzalaryň hem kelläňi agyrdanok. Tussaglygyň şu düzgünleri ähli adamlar üçin hem degişli. Türmede oturyp gelen meniñ ähli tanyşlarym günde bäş wagtyna namazly bolup dolanyp gelýärler, hamala dogrudan hem ol ýer Ýusubyň medresesi ýaly? Geň-taňsy wakalar